“TASSYKLAÝARYN”

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň

rektory ______________________ B. Mämmedow

“___” _________ 2025 ý.

**Ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini guramagyň we geçirmegiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünär taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde öňümizde goýan baş wezipelerini oňyn çözmek, Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň 27-nji dekabryndaky 411 belgili buýrugy bilen tassyklanan 2025-nji ýyl üçin Ýol kartasyna esaslanyp, dersara baglanyşygy üpjün etmek, ýaşlary hemmetaraplaýyn sowatly, döwrüň talaplaryna laýyklykda zerur bolan başarnykly ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

Şu Düzgünnama “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasydyr.

## 1. Umumy düzgünler

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň gurnamagynda “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigi hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisi 2025-nji ýylyň 4-nji iýunynda geçirilýär.

Bäsleşige gatnaşmaklyga isleg bildirýän ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryň hasaba alnyşygy 2025-nji ýylyň maý aýynyň 25-ine çenli dowam edýär. Toparyň sanawyny şu Düzgünnama goşulan 1-nji goşunda laýyklykda **tdbgistem2025@gmail.com** elektron salgysyna 2025-nji ýylyň maý aýynyň 25-ine çenli ugratmaly. Her ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinden STEM, STEAM, STREAM usullarynyň haýsy hem bolsa bir usuly boýunça 1 toparyň gatnaşmagyna hukuk berilýär.

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigine hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisine ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplar gatnaşyp bilerler.

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigi hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisi toparlaýyn bäsleşik görnüşinde geçirilýär. Topar agzalary 4-6 (dört-alty) talypdan ybarat bolmalydyr. Topara öz aralaryndan bir agzasyny toparbaşy saýlamaklyga ygtyýar berilýär.

Bäsleşige gatnaşýan ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň toparlarynyň toparbaşysynyň bäsleşik geçirilýän wagtynda toparyň adyndan guramaçylyk çözgütlerini kabul etmäge we toparyň bähbitlerini gorap çykyş etmäge hukugy bardyr.

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigi hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda bellenilen senelerde kesgitlenilen wagtda geçirilýär.

## 2. "STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini guramagyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin guramaçylyk Iş topary döredilýär. Guramaçylyk Iş toparynyň düzümi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de bäsleşigi geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;

Bäsleşige gatnaşyjy toparlaryň ýüztutmalaryna seredýär we arz-şikaýat boýunça düşündiriş işleri alyp barýar.

## 3. "STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşiginiň hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisiniň esasy maksady

- talyplaryň hünär taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmak;
- ylmy döredijiligi we önümçiligi ösdürjek ýokary başarjaňlykly talyplary ýüze çykarmak;
- geljekdäki kärine (hünärine) söýgi döretmek;
- talyplar dürli ugurlardan bilimleri birleşdirmegi talap edýän uzak möhletli taslamalary işlemek;
- dürli maksatly we ugurly programma üpjünçiliklerini taslamak;
- akademiki görkezijileri gowulandyrmak.
- nazaryýet bilen amalyýetiň arasyndaky baglanyşygy taslama esasynda durmuşa geçirmek;

- geljegiň başarnyklaryny ösdürmek;
- döredijilik pikirlenişi, analitika we bir toparda işlemek ukybyny döretmek;
- hakyky dünýädäki meseleleri çözmekde nazary bilimleri ulanyp dersara çemeleşmeden peýdalanmak.

### 4. "STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşiginiň hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisiniň şertleri

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşiginiň, STEM (sciense, technology, engineering and mathematics) degişli ýumuş utgaşykly ugurlary özünde jemleýän meseleleri çözýän programma üpjünçiliklerini taslamak. Bäsleşige gatnaşyjy bäsleşikde berlen ýumuşy programmirleme dilleriniň, takyk we ynsanperwer ylymlary, dürli tehnologiýalary, injenerçilik ugurlary, matematikany şeýle hem döredijilik we robototehnikany bir ulgamda jemläp ýerine ýetirip biler. Bäsleşige berilýän wagt 6 sagatdan ybarat bolup, her topar orta goýulan köptaraply umumy meseläni öz garaýyşlary boýunça taslama esasynda beýan etmeli. Her taslama 3 esasy (Hasaplamalaryň we tebigy ylymlara degişli nazaryýetiň takyklygy we dogrulygy, taslamanyň daşky görnüşi, taslamanyň ulanylyşda amatlylygy) we 2 goşmaça (Ekologiki peýdalylygy, ykdysady netijeliligi) görkezijiler boýunça baha beriler. Esasy görkezijileriň her haýsy üçin 30 ball berilýär, goşmaça görkezijileriň her haýsy üçin 5 ball berilýär.

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigi hem-de onuň bilen ugurdaş geçirilýän STEM sergisi 2025-nji ýylyň 4-nji iýunynda geçirilip, taslamalar 3-nji iýunynda sergi geçiriljek ýerde gurnalan ýagdaýda bolmaly. STEM sergisine ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleri üçin Türkmen döwlet binagärlik instituty tarapyndan aýratyn ýer bölünip beriler. Her bir gatnaşyjy sergi meýdançasyndan özüne bölünip berlen ýeri öz islegi boýunça STEM, STEAM, STREAM ugurly taslamalar bilen bezemeklige rugsat berilýär. STEM sergisine ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinden isleg bildirýänler gatnaşyp bilerler.

STEM sergisinde görkeziljek her bir taslamanyň düşündirilişini hem-de STEM-de göz öňünde tutulýan ugurlara laýyklygyny beýan edýän goşmaça gözegçi talyby bolmaly.

### 5. "STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisinde ulanmaga rugsat berilýän we gadagan edilýän gurluşlar

"STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigine gatnaşyjylara ulanmaklyga ygtyýar berilýär:

- şahsy kompýuter we noutbuk;
- islendik dildäki klawiatura;
- klawiatura üçin dil faýllar;
- syçanjyk;
- robototehnika ugruna degişli gurluşlar;

Bäsleşikde el telefonlary hem-de Emeli aň programma üpjünçiligini ulanmak gadagan edilýär.

## 6. “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşiginde gatnaşyjylara bolan talaplar

- Google forms islendik brauserden işe goýbermeklige ukyply hususy kompýuter/noutbuk ýanynda bolmaly;
- Programmirleme boýunça islendik meseleleri çözmek üçin niýetlenen programmalary gurnalan kompýuter/noutbuk;
- Gatnaşýan toparyň öz okuw jaýyndan jogapkär mugallymy bolmaly;
- Modelirleme, programmirleme, inženerçilik we robototehnika gurşawlaryndaky fundamental konseptleri bilmeli we düşünmeli;
- Modelirleme, programmirleme, inženerçilik we robototehnika gurşawlaryndaky ukyplary ulanyp bilmekligi başarmaly;
- Olimpiadanyň geçirilýän wagty düzgünnamanyň talaplaryny doly we dogry berjaý etmeli.

## 7. “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisinde ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

“STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşigini ýeňijilerini kesgitlemek üçin emin agzalarynyň düzümi döredilýär. Emin agzalarynyň düzümi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Bäsleşigiň ýeňijileri emin agzalarynyň goýan ballaryny jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Bäsleşigiň netijeleri boýunça bäsleşigiň emin agzalary tarapyndan iň gowy diýlip ykrar edilen toparlar “STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşiginiň ýeňijileri hasaplanylýar.

“STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşiginiň emin agzalary talyplaryň zähmet usullaryna, her bir işiniň tehnologiki sowatlylygyna, ýumşuň wagtynda we dürs ýerine ýetirilişine, tehniki howpsuzluk we zähmeti goramak talaplarynyň dogry berjaý edilişine gözegçiligi ýerine ýetirýärler.

Bäsleşigiň netijeleri boýunça toparlaýyn görnüşde ýeňiji diýip yglan edilenlere 1 sany baş baýrak, 1 sany I orun, 1 sany II orun, 1 sany III orun berilýär.

Bäsleşigiň ýeňijileri Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň I, II, III derejeli diplomlary we institutyň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanýar.

“STEM olimpiada” atly innowasion bilim bäsleşiginiň netijeleri teswirnamalar arkaly resmileşdirilýär we Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Habarlaşmak üçin tel.:** +99362665547; +99365101018

**Ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriljek „STEM olimpiada" atly innowasion bilim bäsleşigini hem-de onuň bilen ugurdaş STEM sergisine**
**_________________________________ gatnaşýan talyplar**
orta hünär we ýokary okuw mekdebiniň ady
**we olaryň ýolbaşçy mugallymy barada**

**MAGLUMAT**

| T/b | Talyplar barada maglumat | | | Ýolbaşçy mugallym barada maglumat | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan hünäri we ýyly | Elektron poçtasynyň salgysy | Familiýasy, ady we atasynyň ady | Habarlaşmak üçin |
| 1 | | | | | |
| 2 | | | | | |
| 3 | | | | | |
| 4 | | | | | |
| 5 | | | | | |
| 6. | | | | | |
| 7. | | | | | |